# Emeli et önümçiligi hemişeki et önümçiligine garanda has zyýanly

Category: Kitapcy,Oba hojalygy: maldarçylyk we ekerançylyk
написано kitapcy | 26 января, 2025
Emeli et önümçiligi hemişeki et önümçiligine garanda has zyýanly EMELI ET ÖNÜMÇILIGI HEMIŞEKI ET ÖNÜMÇILIGINE GARANDA HAS ZYÝANLY




*Emeli et önümçiligini güýçlendirmek global sygyr eti önümçiliginden 4-25 essedenem köp emissiýa sebäp bolýandygy aýdylýar*
Geçirilen barlag işleriniñ netijesi laboratoriýa şertlerinde janly haýwanlardan alynan gan-damar öýjükleriniñ (стволовые клетки) köpeldilmegi bilen taýýarlanýan etiñ yzygiderli önümçiligine geçilen ýagdaýynda daşky gurşawymuza hemişeki et önümçiliginden has beter zyýan ýetirjekdigini görkezdi. Emma bu barlag häzir gözegçilik barlagyndan geçenok, şonuñ üçin bu boýunça anyk netijä gelmek ir. Haýwan et önümçiliginde potensial taýdan gurşawlaýyn yzygiderlilik etika we haýwan üpjünçiligi babatlarda artykmaçlyklary berýändigi bellidi.
«UC Davis» ylmy-barlag toparyndan Edward Spang «Tapyndylarymyz emeli et önümçiliginiñ daşky gurşaw üçin hemişeki sygyr

etinden amatly däldigini görkezýär. Ýagny her derde dowa däl» diýip, emeli etiñ geljekdäki potensialyny orta goýýar.
Häzirki tilsimatlar bilen ýasalýan emeli et önümçiligini güýçlendirmek global sygyr eti önümçiliginden 4-25 essedenem köp emissiýa sebäp bolýandygy aýdylýar.
Muña garamazdan geçen mart aýynda ABŞ-nyñ Azyk we derman önümleri assosiasiýasy (FDA) emeli et öndürmäge başlan «Good Meat» kompaniýasy tarapyndan öndürilen ýasama towuk etini iýmegiñ howpsuzdygyny öñe sürüpdi. Kompaniýanyñ önümi satuwa çykaryp başlamagy üçin diñe Oba hojalyk ministrliginden rugsat alsa bolýardy.




## • Ilkinji emeli et 2013-nji ýylda öndürildi

Klimat üýtgeşmeleri bilen birlikde birnäçe wagtlap hapa gazlaryñ çykarylyşunda maldarçylygyñam täsiriniñ bardygy ünsi

çekýän meseleleriñ arasynda ýer alýar. Bu problama çözgüt tapýan ösümlik garyndyly et alternatiwalary ýa-da öýjükleýin ekin bilen öndürilen et önümleri gün geçdigisaýy sarp edijileriñ ünsüni çekmäge başlady.
Birinji gezek 2013-nji ýylda dünýäniñ emeli etden edilen ilkinji gamburg kotleti Ýewropadaky «Mosa Meat» kompaniýasy tarapyndan öndürildi. Kompaniýanyñ düýbüni tutujy professor Mark Post tarapyndan haýwan öldürmezden eden birinji gamburg kotletini Londonda žurnalistleriñ gözüniñ öñünde taýýarlady.
Kotlet bişirilende ulanylan et haýsydyr bir haýwany saklamagyñ ýa-da öldürmegiñ ýerine, gönüden-göni sygryñ kletkalaryndan alynypdy.
Bill Geýts, Riçard Branson ýaly adamlar bu ugurda ünsi çekýän «Memphis Meats», «Beyond Meat», «Impossible Foods» ýaly kompaniýalara ýardam edýär. Hatda 2021-nji ýylyñ noýabr aýynda laboratoriýada et öndürýän «Upside Foods» 49 müñ$^2$ çemesi ýerde täze emeli et öndürýän kärhana açdy. 50 million dollar çykdajy edilip gurlan bu uly kärhana ýyllyk 181,4 tonna et öndürmäge mümkinçiligi bar. Emma emeli et kärhanasy häzirki wagt ýylda 22 tonna et öndürýär.
«AT Kearney» tarapyndan çap edilen habarnamada ýakyn wagtda global maýlamanyñ bolup biläýjek netijeleriniñ öñüni almak üçin saçaklarymyzdaky hemişeki etiñ ýerini tutjak täze önümlere yşarat edilýär. Şoña görä hem 2040-njy ýyldan başlap, esasanam ösümlik garyndyly alternatiwalaryñ paýy 60% ýokarlanmagyna garaşylýar.

Jandeger MURADOGLY.

30.05.2023 ý. Oba hojalygy: maldarçylyk we ekerançylyk